# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | SENTÝABR AÝYNYŇ 13-i, 2025. №35




# WATAN GORAGÇYLARY BARADAKY ALADA – DÖWLET SYÝASATYNYŇ ILERI TUTULÝAN UGRY

Hormatly Prezidentimiziň paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinden ugur alan dikuçary biraz salymdan Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine geldi.

Bu ýerde Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew Döwlet serhet gullugynyň Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylmaga taýýardygy barada döwlet Baştutanymyza hasabat berdi. Belent Serkerdebaşymyz hasabaty kabul edip, birikmäniň täze binalar toplumynyň esasy girelgesine tarap ugrady. Bu ýerde «Serhet owazlary» aýdym-saz toparynyň ýerine ýetirmeginde Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy. Soňra ýerine ýetirilen aýdymda ata Watanymyz, döwlet Baştutanymyzyň durmuşa geçirýän beýik işleri wasp edildi.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda toý bagyny kesdi we täze binalar toplumynyň ulanmaga berilmegine ak pata berdi.

Döwrebap serhet birikmesiniň täze binalar toplumy dolandyryş binasyndan, nyzam meýdançasyndan, naharhanadan, 300 orunlyk medeniýet öýünden, esgerler ýatakhanasyndan, lukmançylyk nokadyndan, açyk sport meýdançasyndan, sport we sagaldyş toplumyndan, awtoulaglar üçin duralgadan, gulluk, durmuş maksatly binalardan ybarat bolup, olarda serhetçiler üçin amatly mümkinçilikler göz öňünde tutulypdyr.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow birikmäniň dolandyryş binasyna bardy we bu ýerde döredilen şertler bilen tanyşdy. Harby gullukçy ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysyny wideogözegçilik enjamlary arkaly Döwlet serhediniň goragyna gözegçilik edilişi bilen tanyşdyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Serdar Berdimuhamedow Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy. Bu ýerde hormatly Prezidentimize serhetçileriň adyndan ajaýyp türkmen halysy sowgat berildi.

Soňra döwlet Baştutanymyz esgerler ýatakhanasyna bardy we bu ýerde döredilen şertler bilen tanyşdy. Serhetçiler üçin niýetlenen ýatakhananyň binalar toplumy döwrebaplygy bilen tapawutlanýar. Onda serhetçileriň göwnejaý dynç almaklary, wagtyny peýdaly geçirmekleri üçin ähli zerur şertler dörediliplir. Ýatakhananyň giňligi, ýagtylandyrylyşy, esgerleriň dynç almagy üçin döredilen mümkinçilikler, otaglaryň ýerleşdirilişi harby düzgünnamalaryň talaplaryna doly laýyk gelýär.

Soňra ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy ýokary derejeli söweşjeň aýratynlyklary bolan, harby düzümleriň ygtyýaryna gelip gowşan täze harby tehnikalar bilen tanyşdy. Şeýle hem bu ýerde harby gullukçylar üçin niýetlenen dürli harby lybaslar görkezildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz harby lybaslaryň ýylyň dürli pasyllaryna laýyklykda taýýarlanylmalydygyny, harby gullukçylaryň azyk üpjünçiliginiň ýokary derejede bolmalydygyny nygtap, bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz täze serhet birikmesiniň esgerler naharhanasyna baryp gördi. Naharhana häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilipdir. Bu ýerde ýokumly tagamlary taýýarlamak, serhetçileri talabalaýyk iýmitlendirmek üçin ähli zerur şertler bar. Munuň özi naharlaryň çalt we ýokary hilli taýýarlanylmagy, ekologik arassalygynyň saklanylmagy üçin amatly mümkinçilikleri döredýär. Täze binalar toplumynyň naharhanasy häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelip, onda nahar taýýarlamak, azyk önümlerini talabalaýyk saklamak üçin ýörite otaglar, ammarlar göz öňünde tutulypdyr.

Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň çäginde jemi 144 hojalyga niýetlenen 4 sany, 36 öýli döwrebap ýaşaýyş jaý toplumy, dükan, oýun we sport meýdançasy göz öňünde tutulypdyr. Harby gullukçylaryň göwnejaý gulluk etmekleri, döwrebap ýaşaýşy üçin ähli amatlyklaryň

> ***Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet serhet gullugynyň Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.***

döredilmegi hemişe üns merkezinde saklanýar. Toplumyň çäginde täze ýaşaýyş jaýlarynyň bina edilmegi-de munuň anyk mysalydyr.

Täze jaýlaryň binagärlik çözgüdine, bezegine uly üns berlipdir. Ýaşaýyş jaýlarynyň myhmanlardyr çagalar üçin niýetlenen giň we ýagty otaglary döwrebap mebeller bilen enjamlaşdyrylypdyr. Zerur bolan ähli şertler bilen üpjün edilen döwrebap aşhana hem jaýlaryň gurluşyk işleriniň döwrüň ösen talabyna laýyk derejede ýerine ýetirilendigini görkezýär. Serhet birikmesiniň çäginde harby gullukçylaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary üçin ähli zerur şertler bar. Munuň özi Watan goragçylarynyň bedenini berkitmegi, şol sanda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaklary üçin has oňaýly şertleriň döredilmegine uly ähmiýet berilýändiginiň güwäsidir.

Hormatly Prezidentimiz toplumyň çäginde gündelik zerur bolan harytlaryň giň görnüşlerini hödürleýän söwda nokadynyň işi bilen tanyşdy. Bu ýerde türkmen telekeçileriniň öndürýän azyk we hojalyk harytlary, beýleki önümler alyjylara hödürlenilýär. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň ilaty azyk harytlary bilen bökdençsiz üpjün etmek babatda berýän tabşyryklarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň başlygyna Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyş dabarasy mynasybetli täze awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýolbaşçylaryny Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyp ulanmaga berilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.




## Türkmenistanda täze oba – Döwletli mekan açyldy

9-njy sentýabrda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň açylyş dabarasy boldy.

2



## “Makul sözlük” Amazon platformasynda 1-nji orna çykdy

“Makul English–Turkmen Dictionary: General, Law, Business, Medicine, AI, Sports” atly sözlük dünýäniň iň iri onlaýn kitap dükany bolan “Amazon” platformasynda ýokary derejelere çykmagy başardy.

3



## «Arkadag» topary 100-nji ýeňşini gazandy

17-nji sentýabrda AFK-nyň Çempionlar ligasy – 2-niň täze möwsümine girişjek «Arkadag» futbol topary yklym ýaryşynyň bosagasynda ähli resmi duşuşyklaryndaky 100-nji ýeňşini gazandy.

4




## FIFA-nyň Merkezi Aziýa ýurtlary üçin sebit edarasy Daşkentde açylar

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Halkara Futbol Assosiasiýalary Federasiýasynyň (FIFA) ýolbaşçysy Janni Infantino bilen duşuşdy.

6

# Hormatly Prezidentimiz täze önümçilik desgasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda ýerli çig malyň binýadynda dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, içerki hem daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary yzygiderli gurlup ulanmaga berilýär. Kuwwatlylygy bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürýän täze önümçilik desgasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy hem munuň aýdyň mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiz düwmäni basyp, täze senagat desgasyny işe girizdi. Gaplyk çüýşe önümlerini öndürýän kärhananyň öz işine başlamagy we önümçiligiň çylşyrymly tehnologik prosesi wideoşekillerde görkezildi. Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze kärhananyň barlaghana otagyna bardy. Bu ýerde hünärmen döwlet Baştutanymyzy onda döredilen şertler bilen tanyşdyrdy.

## ÖNÜMÇILIK PROSESI

Kärhanada önümçilik prosesi erediji peçden başlanýar. Ýerli kwars çägesinden, hek daşyndan, dolomitden we beýleki goşundylardan ybarat çig mal 1 müň 500 gradusa ýetýän ýokary gyzgynlykda eredilýär. Soňra aýna ergini paýlaýjy fider kanallary arkaly önümçiligiň indiki tapgyryna geçirilýär. Kärhanada şeýle fider kanallarynyň üçüsi ornaşdyrylyp, olaryň her biri öz önümçilik liniýasyny aýna ergini bilen üznüksiz üpjün edýär. Aýna ergini fiderlerden çüýşe önümlerini şekile getirýän “IS” enjamlaryna geçirilýär.




Bu ýokary tehnologiýaly enjamlar aýna ergini çişirmek arkaly dürli göwrümdäki gaplyk çüýşe önümlerini şekile getirýär. “IS” enjamlarynda şekil berlen önümler sowadyjy peje geçýär. Bu peçler gyzgyn aýna önümlerini kem-kemden sowatmak üçin ulanylýar. Eger-de önüm dogry we dürs sowadylmasa, aýnanyň içerki dartgynlylygy zerarly jaýrylmagy mümkin. Sowatma prosesi bu dartgynlylygy aýryp, önümleriň berk bolmagyny üpjün edýär. Kärhanada şeýle peçleriň 3-si ornaşdyrylypdyr. Sowadylan taýýar önüm konweýer lentalary boýunça hil barlag enjamlaryndan geçýär.

Kameralardyr datçikler bilen üpjün edilen bu enjamlar her önümi awtomatik ýagdaýda hil barlagyndan geçirýär. Hil barlagynyň ähli tapgyrlaryndan üstünlikli geçen önümler gaplama enjamyna ugradylýar. Bu ýerde olar awtomatik ýagdaýda gaplanyp, sarp edijilere ugratmak üçin ammarlara geçirilýär. Ähli tapgyrlaryň doly awtomatlaşdyrylmagy önümçiligiň ýokary netijeliligini üpjün edýär.

## HALKARA GÜWÄNAMALAR

Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «Horn Glass Industries» kompaniýasynyň Ýerine ýetiriji direktory Stefan Erwin Meindl Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine täze kärhanada ornaşdyrylan enjamlaryň Germaniýa Federatiw Respublikasynda hereket edýän we halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamany gowşurdy.

Italiýa Respublikasynyň «Vetromeccanica Srl» kompaniýasynyň wekili Alessandro Nigro Türkmenistanyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine çüýşe önümlerini öndürýän önümhanada gurnalan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw we howpsuzlyk taýdan halkara standartlaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan güwänamany dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

Şeýle-de önümhana Italiýanyň “Bottera” kompaniýasynyň halkara standartlaryna laýyk gelýän toplumlaýyn dolandyryş ulgamynyň ornaşdyrylandygyny tassyklaýan güwänamanyň gowşurylýandygy yglan edildi.









# Türkmenistanda täze oba – Döwletli mekan açyldy

9-njy sentýabrda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň açylyş dabarasy boldy.

Täze Döwletli mekan obasynda 400 sany ýaşaýyş jaýy bolup, 640 orunlyk orta mekdep, 320 orunlyk çagalar bagy ýaş nesillere gujagyny giňden açdy. Bu ýerde gurlan söwda merkeziniň, geňeşligiň edara binalarynyň döwrebaplygy, ähli amatlyklaryň döredilendigi özüne çekýär.







Hormatly Prezidentimiziň Gutlagyndaky: «Biz ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen milli strategiýadan ugur alyp, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, medeni-durmuş ähmiýetli desgalaryň, dynç alyş merkezleriniň we seýilgähleriň gurluşygyny geljekde-de dowam etdireris» diýen ganatly sözleri dabara gatnaşanlaryň ruhuny has-da belende galdyrdy. Munuň özi ýurdumyzda adam hakynda, maşgala babatda edilýän üns-aladanyň dowamlydygynyň aýdyň beýanydyr.

Ajaýyp zamanamyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramyna barha ýakynlaýan günlerimizde täze jaýlara göçüp baran ildeşlerimiz birek-biregi «Ýurt garşy alsyn!», «Düşümli jaý bolsun!» diýip mübäreklediler. Olaryň her biri halkymyza eşretli zamanany peşgeş edýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň adyna alkyşly sözlerini beýan etdiler.

# Daşoguz welaýatynda täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçesi açyldy

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat zolagynda kuwwatlylygy bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürmäge niýetlenen täze önümçilik desgasynyň, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde Döwletli mekan obasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy il-ulsumyzyň toý şatlygyny goşalandyrdy. Şu gün – 11-nji sentýabrda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçesiniň hem-de täze awtomobil köprüsiniň açylmagy mynasybetli dabaralar hem şanly senä bagyşlanan toý sowgatlarynyň üstüni ýetirdi.

Döwrebap durmuş düzümlerini özünde jemleýän Bitaraplyk şäherçesiniň açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, il sylagly ýaşulular, mährem eneler, welaýatyň köp sanly ýaşaýjylary, dürli kärlerde zähmet çekýän ildeşlerimiz gatnaşdy. Açylyş dabarasy hormatly Prezidentimiziň iberen Gutlagynyň okalmagy bilen başlandy. Gutlagda Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde şatlyk-şowhuna beslenip, dabaraly açylýan täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçesiniň ýurdumyzyň depginli ösüşleriniň özboluşly beýany bolup durýandygy, bu şäherçäniň «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine aýdyň şaýatlyk edýändigi nygtalýar.

Soňra medeniýet we sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren şatlyk-şowhunly aýdym-sazlarynyň astynda dabara gatnaşýan ildeşlerimiz täze, döwrebap şäherçede döredilen mümkinçilikler bilen tanyşdylar. Şäherçede döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň 400-si, geňeşligiň edara binasy, hyzmatlar öýi, aragatnaşyk bölümi, 420 orunlyk orta mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, 200 orunlyk medeniýet öýi, saglyk öýi, 500 orunlyk toý mekany, şeýle hem önümçilik maksatly häzirki zaman desgalary guruldy. Täze durmuş düzümleriniň gurluşygynyň başdan-aýak ýerli gurluşyk kärhanalary tarapyndan ýerine ýetirilendigi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr.

Täze, döwrebap Bitaraplyk şäherçesinde häzirki zaman ýol-ulag, aragatnaşyk, suw, elektrik, gaz üpjünçilik hem-de lagym ulgamlarynyň göz öňünde tutulmagy, giň we ýsyklandyryş ulgamy çekilen awtomobil ýollarynyň ugrunda gök zolaklaryň döredilmegi adamlaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin mynasyp şertleriň döredilmegine oýlanyşykly çemeleşilendigini görkezýär.

Watanymyzyň ykdysady we döredijilik kuwwatynyň nyşany bolan täze obadyr şäherçeleriň açylmagy diňe bir halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, goşmaça iş orunlarynyň döredilmegine, täze ilatly ýerleriň mundan beýläk-de ösdürilmegine itergi berýär.








# “Makul sözlük” Amazon platformasynda 1-nji orna çykdy







“Makul English–Turkmen Dictionary: General, Law, Business, Medicine, AI, Sports” atly sözlük dünýäniň iň iri onlaýn kitap dükany bolan “Amazon” platformasynda ýokary derejelere çykmagy başardy.

“Amazon”-yň “Vocabulary Books” bölüminiň täze çykýan kitaplar sanawynda bu sözlük ilkinji günlerinde #1-nji orny eýeledi. Şeýle hem birnäçe aýratyn kategoriýada öňe saýlandy:




#9 – Science & Technology Law (Books) bölümi,

#90 – Slang & Idiom Reference Books bölümi,

#117 – English Dictionaries & Thesauruses bölümi.

481 sahypadan ybarat sözlük, umumy, hukuk, biznes, lukmançylyk, emeli intellekt we sport ýaly ugurlary öz içine alýar. Kitap 2025-nji ýylyň sentýabr aýynyň 6-da resmi taýdan neşir edildi we gysga wagtyň içinde dünýäniň dürli künjeginden alyjylaryň uly gyzyklanmasyny gazandy.

Bu üstünlik diňe bir türkmen diliniň halkara derejesinde tanadylmagyna däl, eýsem emeli intellekt döwründe milli dil baýlygyny dünýä ýetirýän möhüm goşant hökmünde hem bahalandyrylýar.

| Product information | |
|---|---|
| ASIN | B0FQ54R3YB |
| Publisher | Dr. Dovran Orazgylyjov |
| Publication date | September 6, 2025 |
| Language | English |
| Print length | 481 pages |
| ISBN-13 | 979-8993036717 |
| Item Weight | 2.27 pounds |
| Dimensions | 7.24 x 1.28 x 10.24 inches |
| Best Sellers Rank | #453,617 in Books (See Top 100 in Books)<br>#9 in Science & Technology Law (Books)<br>#90 in Slang & Idiom Reference Books<br>#117 in English Dictionaries & Thesauruses |

“Makul sözlük” bilen türkmen dili dünýä dillleriniň arasynda täze bir basgançaga çykdy diýip buýsanç bilen aýdyp bolar.

Bellemeli zat, bu maglumat sagatsaýyn üýtgäp duran maglumat bolup, ekran suraty 2025-nji ýylyň 11-nji sentýabr güni 11 Kaliforniýa ýerli sagady bilen 14:00 sagadyndaky ýagdaýdyr.

# “Makul Sözlük” internet neşirlerinde




Türkmenistanyň esasy milli baýramlaryna – mukaddes Garaşsyzlygyň şanly 34 ýyllygyna hem-de hemişelik Bitaraplygyň ýubileý 30 ýyllygyna bagyşlanyp, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda “Makul Sözlük”, ýagny iňlisçe-türkmençe sözlük çap edildi. Bu sözlük dil diplomatiýasynyň täze basgançagyna öwrüler, diýip internet neşirleri habar berýär.

Hususan-da, “ussatnews.com” hem-de “https:vestiabad.ru” internet neşirlerinde “Makul iňlisçe–türkmençe sözlük” barada habarlar taýýarlanyp, okyjylar jemgyýetçiligine ýetirildi.

Rus dilinde taýýarlanan habarlarda täze sözlügiň Türkmenistan bilen Amerikanyň arasyndaky medeni, ykdysady we diplomatik gatnaşyklarda täze dil köprüsi bolup hyzmat etjekdigi bellenilýär. Bu barada “ussatnews.com” neşiri habar berýär.

“https:vestiabad.ru” internet neşirinde bolsa, Türkmenistanyň esasy milli baýramlaryna bagyşlanyp, iňlisçe-türkmençe sözlügiň taýýarlanandygy, şeýle hem onda, diňe umumy sözler bilen çäklenilmän, eýsem soňky döwürlerde has işjeň ulanylýan hukuk, işewürlik, lukmançylyk, sport, emeli intellekt ýaly ugurlardaky ýöriteleşdirilen adalgalarynyň hem özünde jemleýändigi bellenilýär.

Sözlügiň taýýarlanmagynda Aşgabatda terjime hyzmatlaryny berýän “Makul Hyzmat” Terjime Merkezi tarapyndan goldanylandygy hem bellenilip geçilýär.

# THP: “Makul Sözlük” ABŞ-da neşir edildi




Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllygyna hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň ýubileý 30 ýyllygyna gabatlanyp, ABŞ-da neşir edilen “Makul iňlisçe–türkmençe” sözlük baradaky habarlar türkmen metbugatynda neşir edilip başlandy.

Türkmen, rus hem-de iňlis dillerinde ýurdumyzdaky we dünýädäki habarlary gyzgyny bilen okyjylar köpçüligine ýetirýän “Türkmenistan Habarlar portaly” (THP) neşirinde hem “Makul” sözlük barada habar rus hem-de türkmen dillerinde ýerleşdirildi.

Habarda jemi 16 500 iňlis dilindäki sözleri we olaryň on müňlerçe türkmen dilindäki terjimelerini özünde jemleýän sözlügiň diňe umumy sözler bilen çäklenmän, hukuk, işewürlik, lukmançylyk, sport, emeli intellekt ýaly ugurlardaky ýöriteleşdirilen adalgalary hem öz içine alýandygy bellenilýär.

Şeýle hem habarda sözlügiň dünýä belli “Amazon” platformasynda satyn almagyň elýeterli bolandygy bellenilýär.

# Türkmenistanda pagta ýygymyna badalga berildi

Türkmenistanda pagta ýygymyna köpçülikleýin girişildi. Bu möhüm oba hojalyk möwsümi ýurdumyzyň ähli sebitlerinde badalga alyp, oba hojalyk pudagynyň we milli ykdysadyýetimiziň ösüşinde uly ähmiýete eýedir.

5-nji sentýabrda Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiz 10-njy sentýabrda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda pagta ýygymyna girişmäge ak pata berip, pagtaçylara we oba hojalyk zähmetkeşleriniň ählisine işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## AHAL WELAÝATY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «ak altyn» ussatlary gowaça ýetişdirilen 135 müň gektar ýerden şertnamalaýyn meýilnamalaryna laýyklykda, pagtanyň 280 müň tonnasyny almagy maksat edinýärler. «John Deere» kysymly kämil tehnologiýaly kuwwatly pagta ýygyjy kombaýnlaryň 250-ä golaýy daýhanlaryň hyzmatynda bolar. Harmanhanalardyr pagta arassalaýjy kärhanalaryň 30-a golaýy, hasyly kabul ediş nokatlaryna daşajak tehnikalaryň 2 müňden gowragy möwsüme doly derejede taýýarlanyldy.

## BALKAN WELAÝATY

Şu ýyl welaýatda 13 müň gektardan 16 müň tonna «ak altyny» Watan harmanyna tabşyrmak göz öňünde tutulýar. Möwsümde pagta ýygyjy kombaýnlaryň 18-si, ýygnalan hasyly daşamak üçin awtoulaglaryň 91-si bökdençsiz işlär.

## DAŞOGUZ WELAÝATY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda welaýat boýunça 140 müň gektar meýdanda pagtanyň bol hasyly ýetişdirildi. Patrak ýaly açylan pagta meýdanlary göz öňünde tutulan 275 müň tonnalyk sepgide ýetiljekdigine ynam döredýär. Möwsümde «ak altynyň» uly bölegini ýygnap almak üçin pagta ýygýan kombaýnyň 200-den gowragynyň güýjünden peýdalanylar.

## LEBAP WELAÝATY

Lebaply pagtaçylar 130 müň gektar ýerden «ak altynyň» 320 müň tonnasyny almagy meýilleşdirýärler. Munuň üçin welaýatda ähli mümkinçilikler döredildi. Ýygymda kuwwatly we döwrebap pagta ýygyjy tehnikalaryň 200-e golaýy işlediler.



## MARY WELAÝATY

Mary welaýat häkimliginde bolan maslahatda bu möwsümi tiz we guramaçylykly geçirmekde, gowaça ekilen 162 müň gektardan 359 müň tonna «ak altyny» döwlet harmanyna tabşyrmakda her pudagyň, düzümleriň we kärhanalaryň wezipeleri jikme-jik seljerildi. Ýygym möwsümine 250-den gowrak pagta ýygyjy kombaýn taýýar edildi.

# “Magtymguly Pyragy” çeper filmi Tatarystandaky halkara kinofestiwalda baýrak gazandy

**Türkmenistan bilen Özbegistanyň bilelikde surata düşüren “Magtymguly Pyragy” çeper filmi Tatarystan Respublikasynyň paýtagty Kazan şäherinde geçirilen «Altyn minbar» atly XXI Kazan halkara kinofestiwalynda baýraga mynasyp boldy. Bu film halkara kinofestiwalyň “Russiýa-Ýslam dünýäsi” boýunça baş baýraga mynasyp boldy.**

**Ozal hem habar berşimiz ýaly, şu ýylyň 5-9-njy sentýabry aralygynda Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda «Altyn minbar» atly XXI Kazan halkara kinofestiwaly geçirildi. Bu abraýly kinofestiwalynda Türkmenistan döwletimize “Daragt” hem-de Türkmenistan bilen Özbegistanyň bilelikde surata düşüren “Magtymguly Pyragy” çeper filmi wekilçilik etdi.**

**“Daragt” çeper filmini surata düşüren režissýor Sahysalyh Baýramow hem-de “Magtymguly Pyragy” çeper filmi režissýory – meşhur özbek kinematografiýaçysy Muzaffarhon Erkinow hem Kazan kinofestiwalyna gatnaşdylar.**

**Türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň durmuşyna bagyşlanan bu film halkara kinofestiwalyň “Russiýa-Ýslam dünýäsi” boýunça baş baýraga mynasyp boldy.**





**67 döwletden 800-den gowrak dürli görnüşdäki filmleriň hödürlenen abraýly kinofestiwalyna 22 döwletden 54 çeper filmiň saýlany alynmagy, şolaryň hatarynda Türkmenistan döwletimiziň hem bolmagy ýurdumyzda kino sungatyna berilýän uly ähmiýetiň özbolușly nyşanydyr.**

**Türkmenistanly režissýor Sahysalyh Baýramowyň «Daragt» (2023 ý.) atly çeper filmi festiwalyň başlanan güni Kazanyň “Mir” kinoteatrynda tomaşaçylara ýetirilipdi.**

**Festiwalyň ahyrky gününde bolsa, türkmen we özbek kinematografiýaçylarynyň «Magtymguly Pyragy» atly bilelikdäki çeper filmi “Rodina” kinoteatrynda görkezildi.**

**«Magtymguly Pyragy» atly bilelikdäki çeper film 2024-nji ýylda ýurdumyzda giňden bellenilen Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp surata düşürilipdi.**

# Özbek Lideri Donald Trampy Özbegistana çagyrdy

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampyň arasynda telefon söhbetdeşligi boldy.

Özbek-amerikan strategiki hyzmatdaşlygyny has-da pugtalandyrmagyň we özara peýdaly hyzmatdaşlygy giňeltmegiň amaly taraplary jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy.

Söhbetdeşligiň başynda ABŞ-nyň Prezidenti soňky ýyllarda täze Özbegistanda ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga we ilatyň abadançylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen özgertmelere




ýokary baha berdi we goldaw berdi.

Özbek Lideri hem öz gezeginde ABŞ-nyň administrasiýasynyň içerki we daşary syýasatynyň täsirli netijeleri bilen Prezident Donald Trampy tüýs ýürekden gutlady. Amerikan tarapynyň halkara we sebit meselelerini parahatçylykly çözmekde, global howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmekdäki goşandy we tagallalary aýratyn bellendi.

Iki ýurduň arasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly üns berildi.

Ara alyp maslahatlaşmak ileri tutulýan pudaklarda işewür hyzmatdaşlyk taslamalaryny öňe sürmek we söwda amallarynyň möçberini ep-esli ýokarlandyrmak barada boldy.

Soňky ýyllarda özara söwda görkezijileriniň yzygiderli ýokarlanandygyny bellemek gerek. 2024-nji ýylda söwda dolanyşygy 15 göterim ýokarlandy.

Geljegi uly hyzmatdaşlyk taslamalarynyň hatarynda raýat awiasiýasy, möhüm mineral serişdeleri, elektrik inženerçiligi, energiýa, oba hojalygy, sanly tehnologiýalar, maliýe pudagy, innowasiýa, bilim we başgalar ýaly ugurlary öz içine alýar.

Uzak möhletli we dowamly hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin şu aýda ABŞ-nyň öňdebaryjy kompaniýalary we guramalary bilen birnäçe ikitaraplaýyn duşuşygyň we gepleşikleriň geçiriljekdigi nygtaldy.

Medeni we ynsanperwer alyş-çalyşlar giňelýär we Amerikanyň öňdebaryjy uniwersitetleriniň şahamçalary Daşkende üstünlikli işleýär.

Özbegistanyň milli ýygyndysynyň geljek ýyl ABŞ-da geçiriljek dünýä çempionatyna ilkinji gezek gatnaşjakdygy kanagatlanma bilen bellendi. ABŞ-nyň Lideri Özbegistanyň futbol toparyna üstünlik arzuw etdi.

Telefon söhbetdeşliginde döwlet Baştutanlary Merkezi Aziýa döwletleri bilen ABŞ-nyň arasynda "C5 + 1" görnüşinde sebitara hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak ýaly häzirki halkara meseleleri barada pikir alyşdylar.

Özbek Baştutany Prezident Donald Trampy özi üçin amatly wagtda Özbegistana resmi sapar etmäge çagyrdy.

Taslamalary we amaly hyzmatdaşlygyň maksatnamalaryny ösdürmek üçin aragatnaşyklary iň ýokary derejede dowam etdirmek barada ylalaşyk gazanyldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýew bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň prezidenti Donald Trumpyň arasyndaky telefon söhbetdeşligi açyk, konstruktiw we dostlukly ýagdaýda geçirildi.

# «Arkadag» topary 100-nji ýeňşini gazandy

17-nji sentýabrda AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2-niň täze möwsümine girişjek «Arkadag» futbol topary yklym ýaryşynyň bosagasynda ähli resmi duşuşyklaryndaky 100-nji ýeňşini gazandy. Ýubileý ýeňiş Türkmenistanyň Futbol boýunça çempionatynyň Ýokary ligasynyň 19-njy tapgyrynyň çäginde Mary şäherinde ýerli «Merw» topary bilen geçirilen duşuşykda hasaba alyndy. Bu barada "Türkmenistan" gazeti habar berýär.

11-nji sentýabrda geçirilen şol duşuşykda ýurdumyzyň çempiony ýerli topary Altymyrat Annadurdyýewiň iki, Didar Durdyýewiň bir goly bilen 3:1 hasabynda ýeňdi. Şeýlelikde, «Arkadag» topary özüniň 102-nji resmi duşuşygynda 100-nji ýeňşini gazanyp, dünýä futbolynyň taryhynda mundan soň hem seýrek gabat geljek üstünlikleriň birini gazandy. Iň gyzykly tarapy topar mundan iki ýarym ýyl ozal ilkinji resmi ýeňşini hem «Merw» topary bilen bolan duşuşykda gazanypdy.

Häzirki zaman türkmen futbolynyň iň şöhratly wekili bu ýeňişleriň 74-sini Türkmenistanyň çempionatynyň Ýokary ligasynda, 14-sini Türkmenistanyň kubogynda, 6-syny AFK-nyň Çagyryş ligasynda, 5-sini Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň kubogy ugrundaky ýaryşda, birini bolsa Türkmenistanyň Naýbaşy kubogy ugrundaky duşuşykda gazandy.

102 duşuşykdan ybarat 100 ýeňişlik tapgyrda topar garşydaş derwezelere 401 gol geçirdi. Mary şäherinde geçirilen duşuşykda hüjümçi Didar Durdyýewiň 80-nji minutda geçiren goly «Arkadag» futbol toparynyň resmi duşuşyklardaky 400-nji goly hökmünde bellige alyndy. Bu bolsa toparyň her bir duşuşykda 4-e ýakyn pökgini garşydaş derwezelere geçirendigini görkezýär.

Toparyň 400-nji goluny geçiren hüjümçiniň 100 ýeňişli menzilde iň köp tapawutlanan futbolçy bolandygyny hem aýtmak gerek. Topar döredileli bäri ýokary derejedäki oýny bilen janköýerleriň berekellasyna mynasyp bolup gelýän Didar Durdyýew resmi duşuşyklarda 95 gezek tapawutlandy. Ol bu netije babatynda topardaşlaryndan has öňde. Ikinji orundaky Begenç Akmämmedowyň 55, üçünji orundaky Altymyrat Annadurdyýewiň bolsa 54 goly bar.

# Germaniýada Türkmenistanyň ykdysadyýet günleri geçiriler

2025-nji ýylyň 30-31-nji oktýabrynda Frankfurtda geçiriljek Türkmenistan Ykdysadyýet günleri, Türkmenistan bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň arasynda özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin özboluşly platforma bolar. Bu çärä, German Ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň hem-de kiçi we orta telekeçilik agentligi bolan Mittelstand, Frankfurt Söwda-senagat edarasynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy tarapyndan geçiriler.

Forum, üstünlikli hyzmatdaşlyk üçin tejribesi we çeşmesi bolan bu guramalaryň öňdebaryjy agza kompaniýalaryny birleşdirer. Tehnologiýalary üpjün etmekde öňdebaryjy tejribesi bolan Germaniýa we dürli pudaklarda uly önümçilik mümkinçilikleri bilen Türkmenistan maliýe, saglygy goraýyş, söwda, ulag, nebit we gaz, nebithimiýa, oba hojalygy we dokma senagaty ýaly ugurlaryň şöhlelendirilmegi göz öňünde tutulýar.

Işewürlik forumy uzak möhletleýin Ýewropa Bileleşigi sebitinde we Germaniýa Federatiw Respublikasynda iş gatnaşyklaryny ýola goýmak we täzelikleri girizmek üçin platforma döreder. Işewür wekilleri we hünärmenleri hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini döretmek we bilelikde ykdysady gatnaşyklary berkitmek üçin Türkmenistanyň Ykdysadyýet günlerine gatnaşmaga çagyrýarys.



# Şarjada Türkmen–Emirlikler işewürler forumy geçiriler

2025-nji ýylyň 1–10-njy oktýabr aralygynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Şarja emirliginde Türkmen–Emirlik işewürler forumy geçiriler.

Forum Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy (TSSE), Şarjanyň Söwda-senagat edarasy we BAE-niň Söwda-senagat edaralarynyň Federasiýasy tarapyndan bilelikde gurnalýar.



Forum häzirki zaman söwda we senagat ugurlaryndaky täzelikleri ara alyp maslahatlaşmak, sebitde işewür gatnaşyklary giňeltmek hem-de täze hyzmatdaşlary tapmak üçin netijeli meýdança bolar.

Çäräniň maksatnamasynda öňdebaryjy hünärmenleriň gatnaşmagynda panel çykyşlary, üstünlikli işewür taslamalarynyň tanyşdyrylyşy, şeýle hem eksportyň ösüşi we maýa goýum mümkinçiliklerine bagyşlanan ýörite sessiýalar göz öňünde tutulýar.

Forumda innowasiýalaryň halkara söwda hem-de senagat pudagyna täsiri we durnukly ösüş ýaly meseleler esasy üns merkezinde bolar. Foruma gatnaşyjylar öz işini ösdürmek üçin çäräniň dowamynda anyk maslahatlar we peýdaly maglumatlar alyp bilerler.

Guramaçylar forumyň gatnaşyjylaryna Ýakyn Gündogar bazarynda öz ornuny pugtalandyrmaga we hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açmaga mümkinçilik berjekdigini nygtaýarlar.

# Türkmenistan bilen Eýran demirýol ulgamynda hyzmatdaşlygy artdyrmagy ylalaşdylar

Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministri M. Akmämmedowyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet Eýran Yslam Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy. Saparyň dowamynda Eýran Yslam Respublikasynyň Ýol we şäher gurluşyk ministri F.Sadeg we Ýol we şäher gurluşyk ministriniň orunbasary, Demir ýol edarasynyň müdiriýetiniň başlygy J.Zakeri bilen duşuşyklary geçirildi. Şeýle hem wekiliýetiň agzalary wagonlary dolandyryş merkezi we Tähran şäherinde ýerleşýän «Aprin» gury portunyň mümkinçilikleri bilen tanşyldy.

Duşuşyklarda Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň demir ýol pudagy boýunça alnyp barylýan işleriň güýçlendirilmegi bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Hususan-da, üstaşyr geçýän ýükleriň dolanşygyny artdyrmak boýunça degişli teklipler berildi. Şunda, Hytaý-Gazagystan-Türkmenistan-Eýran demir ýolunyň hem-de Aşgabat ylalaşygy (Özbegistan, Türkmenistan, Eýran, Oman) halkara geçelgesiniň işjeňligini ýokarlandyrmak meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň arasyndaky ýük dolanşygyny giňeltmek boýunça demir ýol ulgamy boýunça





hyzmatdaşlygy artdyrmak hem-de Ermenistan-Eýran-Türkmenistan-Gazagystan üstaşyr ulag geçelgesi boýunça ýük daşamak we bu ugry netijeli peýdalanmak boýunça hem maslahat edildi.

Mundan başga-da taraplar Akýaýla-Inçeburun demir ýol geçelgesine baryp gördi we ol ýerde alnyp barylýan işler bilen ýakyndan tanyşdy.

# Aşgabatda sowadyjyly täze awtobuslar ýolagçylara hyzmat eder

Aşgabada uzynlygy 12 metr bolan «Yutong» kysymly, üç gapyly, sowadyjyly ýolagçy awtobuslarynyň 700-si getirildi. Olar ýakyn günlerde paýtagt şäherde ýolagçylara hyzmat edip başlar. Bu barada «Watan» habarlar gepleşiginde habar berildi.

Täze awtobuslaryň hereketlendirijisi ekologik häsiýetli «Euro 5» ölçeglerine laýyk gelýär. Olarda ulag hyzmaty üçin töleg geçirilişi sanly ulgam arkaly amala aşyrylýar.

Awtobusda ulaga münýän we ondan düşýän ýolagçylaryň hasabyny ýöredýän abzallar gurnalan. Şeýle hem onda ýolagçylar üçin sowadyjy enjam hem bar. Awtobusda JPS ulgamynyň we gurnalan wideokameralaryň kömegi bilen, wideogözegçilik arkaly ulagyň hereketine we sürüjiniň işine gözegçilik etmek üçin ornaşdyrylan häzirki zaman intellektual ulgamy bar.

Täze awtobusda ses we şekil ulgamyna degişli enjamlar, mümkinçiligi çäkli ýolagçylar üçin enjam hem-de ýol ugrunda haýsy duralgalara gelnendigini habar berýän enjam hem bar.

Ozal şu ýylyň 10-njy ýanwarynda geçirilen Hökümet mejlisiniň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň gol çeken degişli Kararyna laýyklykda, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar




agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligine 700 sany «Yutong ZK6128HG» kysymly awtobusy satyn almak barada Hytaý Halk Respublikasynyň «Yutong Bus Co.,Ltd.» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berlendigini habar beripdik.

# Türkmenistanda ykdysady üstünlikleriň sergisi geçiriler

2025-nji ýylyň 18-20-nji sentýabry aralygynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli ykdysady üstünlikleriň sergisi geçiriler.

Sergä Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, daşary ýurt kompaniýalary, ýerli işewürler hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary gatnaşarlar.

Bu sergi ýurdumyzyň ykdysady ösüşleriniň giň gerimini görkezmek bilen, milli senagatyň, oba hojalygynyň, energetikanyň, gurluşygyň, ulag-aragatnaşygyň we beýleki pudaklaryň häzirki ösüş derejesini açyp görkezmekde möhüm ähmiýete eýe bolar. Şeýle hem sergi daşary ýurtly kompaniýalar we türkmen işewürleri üçin hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde täsirli işewür meýdança hökmünde çykyş eder.

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň şanly 34 ýyllyk baýramyna bagyşlanyp geçirilýän ykdysady üstünlikleriň sergisi, Türkmenistanyň ösüşleriniň



dabaranlanmagy bolup, dünýä jemgyýetçiligine ýurdumyzyň ösüş kuwwatyny we halkara hyzmatdaşlygyna açykdygyny görkezmegi maksat edinýär.



# Ýaponiýada ilkinji gezek zenan Premýer-ministr bolup biler



Ýaponiýada ýurduň premýer-ministri wezipesine ilkinji gezek zenan maşgalanyň saýlanyp biljekdigi habar berilýär.

Ýurduň häkimýet başyndaky Liberal-demokratik partiýanyň (LDP) başlygy we hökümet ýolbaşçysy wezipesinden çekilmäge karar beren premýer-ministr Şigeru Isibanyň ýerini eýelemäge iň ýgtybarly dalaşgär hökmünde Sanae Takaiti görkezilýär. Isibanyň hökümetinde ykdysadyýet ministri we daşary işler ministri wezipesini ýerine ýetiren 64 ýaşly Takaiti saýlansa, Ýaponiýanyň taryhynda ilkinji zenan premýer-ministr bolar.

Premýer-ministr wezipesine şeýle hem Şindziro Koýdzumi, Joşimasa Haýaşi, Joşihiko Noda we Juiçiro Tamaki dalaş edýärler.

Bellenip geçilmeli zat, soňky saýlawlarda Sanae Takaiti Şigeru Isiba bilen ikinji tapgyra çykyp, diňe 21 ses tapawudy bilen (194 garşy 215) ýeňlipdi.

# Türkmenistan bilen Owganystan energetika hyzmatdaşlygyny pugtalandyrar

Kabulda Türkmenistanyň energetika ministri Annageldi Saparow Owganystanyň energetika we suw hojalygy ministri Abudul Latif Mansur bilen duşuşdy. Duşuşyga şeýle hem Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň halkara elektroenergetika taslamalary müdiriginiň başlygy Myrat Artykow we Türkmenistanyň ilçisi Hoja Owezow gatnaşdy.

Owganystanyň energetika we suw hojalygy ministrliginiň habaryna görä, taraplar aşakdaky ugurlarda hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar:

* Türkmenistandan Kabula 1000 megawatt möçberinde elektrik energiýasynyň üpjünçiligi,

* Türkmenistan – Owganystan – Pakistan (TAP-500) elektrik geçiriji taslamasynyň durmuşa geçirilmegini çaltlandyrmak

* TOPH gaz geçiriji taslamasy.

Owganystanyň energetika we suw hojalygy ministri öz ýurdunyň görkezilen taslamalary, şeýle hem suw hojalygy we energetika ösüş taslamalaryny amala aşyrmak üçin zerur utgaşykly hereketlere we hyzmatdaşlyga doly ygrarlydygyny we taýýardygyny belläp geçdi.

Öz gezeginde, Türkmenistanyň energetika ministri ýurduň gündogar welaýatlarynda bolup geçen heläkçilikli ýer titremesi bilen baglanyşykly Owganystanyň suw hojalygy we energetika ministrliginiň ýolbaşçylaryna gynanç bildirdi.

Türkmen tarapy Owganystan bilen hyzmatdaşlygy ýokary baha berdi we Türkmenistanyň ylalaşylan taslamalary durmuşa geçirmäge doly taýýardygyny mälim etdi. Ol şeýle hem TOP elektrik geçiriji taslamasynyň öňünden taýýarlyk işleriniň üstünlikli alnyp barylýandygyny tassyklady.

Türkmenistanyň energetika ministri şeýle hem iki ýurduň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giňeldilmeginiň ähmiýetini nygtady.

Türkmenistanyň wekiliýeti Owganystanyň



energetika pudagyna maýa goýumlaryny çekmek we ony goldamak boýunça ilkinji maslahata gatnaşmak üçin Kabulda şäherinde saparda boldy.

6-njy sentýabrda geçirilen foruma Owganystan hökümetiniň wekilleri, Özbegistanyň, Türkmenistanyň we Täjigistanyň energetika ministrlikleriniň wekiliýetleri, şeýle hem halkara guramalarynyň we diplomatik wekilhanalaryň wekilleri gatnaşdy.

# "Apple" täze "iPhone 17" we "17 Pro"-ny tanyşdyrdy

San-Fransiskoda däp bolan tanyşdyrylyş dabarasynda dünýä belli "Apple" kompaniýasy kabelsiz gulaklyklaryň, "akylly" sagatlaryň we "iPhone 17" smartfonlarynyň täzelenen görnüşlerini hödürledi.

Häzirki zaman döwrebap elektron enjamlar dizaýn babatda täze özgerişlikleri başdan geçirip, kämilleşdirilen kameralary goşmak bilen has güýçli enjamlara eýe boldy.

Esasy waka, häzirki wagtda Kupertino kompaniýasynyň iň inçe smartfony bolan "iPhone 17 Air" -iň tanyşdyrylyş dabarasy boldy.




## TÄZE "iPone" TELEFONLAR PEÝDA BOLDY

"Apple" kompaniýasy "AirPods Pro 3", "Apple Watch Series 11", "Apple Watch SE 3", :Apple Watch Ultra 3", "iPhone 17", "iPhone Air" we "iPhone 17 Pro" elektron enjamlary bilen dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekdi.

## "IPHONE 17" TELEFONY

Esasy model açyk reňk aldy, ekrany 120 Hz ýygylygy bilen 6.1-den 6,3 dýuýma çenli ýokarlandy – bu esasy modeller üçin ilkinji bolup durýar.

"IPhone 17" displeýi öňki flagman modellerinden asla pes däl – 3000 nit, inçe çarçuwalar we gorag aýnasy "Ceramic Shield 2" -iň ýagtylygyny wada berýär. Smartfon alty ýadroly esasy prosessor we bäş ýadroly grafiki prosessor bolan "Apple A19" çipine eýe boldy. Geçen ýylky model bilen deňeşdirilende täze önüm 20% has güýçli boldy.

Smartfon "Apple Intelligence AI" emeli aň ulgamyny goldaýar. Bahasy 799 dollara deňdir.

## IŇ INÇE "iPhone Air" TELEFONY

Ultra inçe "iPhone 17 Air" smartfony bu diňe bir inçe däl, eýsem Amerikan korporasiýasynyň iň çydamly smartfonydyr. Täze önümde 5,6 mm galyňlykda we 120 Hz ýygylygy we 6,5 dýuým displeý bolar. Doly täze 18 MP kamera enjamdaky selefi üçin amatlydyr.

Inçe "iPhone" -yň bahasy 999 dollardan başlaýar.

## iPhone 17 Pro и iPhone 17 Pro Max

Premium liniýanyň taryhynda ilkinji gezek "iPhone 17 Pro Max" 2 TB içerki ýat bilen iň ýokary wersiýany aldy. "IPhone 17 Pro" -yň bahasy 1099 dollardan, "iPhone 17 Pro Max" -iň bahasy bolsa 1199 dollardan.

## "APPLE" GULAKLARY TERJIME HYZMATYNY BERÝÄR

"Apple" gulaklyklary sinhron terjime funksiýasyna eýe boldy. Mysal üçin, ulanyjy gulaklykda daşary ýurt dilinde gürlese, başga dile terjime "iPhone" ekranynda tekst görnüşinde görkeziljär. Gulaklyklaryň bahasy üýtgemedi – 249 dollar.

## "AKYLLY" SAGATLAR 5G ULGAMYNDA IŞLÄR

Dünýä belli kompaniýa iň inçe sagadyny hem tanyşdyrdyi. Täzelenen "Apple Watch Series 11" modeli has çydamly ekrana we 5G goldawyna eýe boldy. Sagatlar şol bir wagtda eýesiniň sagdyn bolmagy üçin hem alada eder. Ol eýesiniň ýatmaly wagtyny we irden onuň alan ukusynyň ýagdaýyna baha berer. Täze önümiň bahasy 399 dollar bolar.

# FIFA-nyň Merkezi Aziýa ýurtlary üçin sebit edarasy Daşkentde açylar

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Halkara Futbol Assosiasiýalary Federasiýasynyň (FIFA) ýolbaşçysy Janni Infantino bilen duşuşdy.

Söhbetdeşligiň başynda FIFA-nyň Prezidenti Özbegistanyň ýolbaşçysyny we halkyny 2026-njy ýylda ABŞ-da geçiriljek futbol boýunça Dünýä çempionatynyň final tapgyryna milli ýygyndynyň çykmagy ýaly taryhy waka bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady. Bu gazanylan üstünligiň ýurtda sportuň ösüşine berilýän ünsüň we ähli taraplaýyn goldawyň, amala aşyrylýan netijeli özgertmeleriň netijesidigini nygtady.



Duşuşygyň başynda Özbegistanyň bu abraýly halkara gurluşy bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmek, ilkinji nobatda futboly guramak we dolandyrmak ulgamyny mundan beýläk-de özgertmek, ýaş zehinleri ýüze çykarmaga, tälimçileri, eminleri, sport lukmanlaryny we tehniki hünärmenleri halkara derejesinde taýýarlamaga ýardam bermek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Futboly wagyz etmek, ilkinji nobatda ýaşlaryň arasynda bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmekde ýakyndan hyzmatdaşlygyň dowam edýändigi uly kanagatlanma bilen bellendi.

FIFA-nyň tehniki goldawy bilen, täzeçil çözgütleri ornaşdyrmak arkaly Milli futbol merkezi döredildi. Geçen ýyl Özbegistanda futzal boýunça dünýä çempionaty üstünlikli geçirildi.

FIFA-nyň iri ýaryşlaryny we çärelerini Özbegistanda guramak meselelerine aýratyn üns berildi.

Daşkent şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlary üçin FIFA-nyň sebit edarasy açmak barada ylalaşyk gazanyldy.

Duşuşygyň ahyrynda özbek futbolyny halkara derejesinde ösdürmäge we wagyz etmäge şahsy goşandy üçin Özbegistanyň Prezidenti FIFA-nyň ýolbaşçysy Janni Infantino döwlet sylagy – “Dostluk” ordenini gowşurdy.

# CAFA-2025: Özbegistan sebitleýin ýaryşyň çempiony boldy

Merkezi we Günorta Aziýa sebitinde futbol sportuny ösdürmäge uly goşant goşýan CAFA Milletler Kubogy 2025 halkara ýaryşy tamamlandy. Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Owganystanyň, Eýranyň, şol sanda Hindistanyň we Omanyň milli ýygyndylary gatnaşdy.










CAFA Milletler Kubogy 2025 halkara ýaryşynyň final duşuşygy Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirildi. Onda Özbegistanyň we Eýranyň ýygyndylary gatnaşdy. Duşuşyk 1:0 hasabynda Özbegistanyň peýdasyna tamamlandy. Şeýlelikde, Özbegistan sebitleýin ýaryşyň çempiony boldy.

2026-njy ýylda futbol boýunça dünýä çempionatyna taryhynda ilkinji gezek gatnaşmaga hukuk gazanan Özbegistanyň milli ýygyndysynyň ýeketäk goly duşuşygyň goşmaça wagtlarynyň tamamlanýan 119-njy minutynda geçirildi. Bu goly Hojuakbar Alžanow öz adyna ýazdyrdy.

Bu duşuşyga Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem-de FIFA-nyň Prezidenti Janni Infantino hem tomaşa etdi.

Özbegistanyň ýygyndysyna medallaryny we kubogyny Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew gowşurdy.

# Pekindäki mekdeplerde emeli intellekt boýunça hökmany sapaklar girizildi

Pekiniň mekdeplerinde täze okuw ýyly emeli intellekt (EI) boýunça hökmany sapaklaryň giňden ornaşdyrylmagy bilen başlandy diýip, Hytaýyň neşirleri habar berýär.

Bilim bölüminiň maglumatlaryna görä, sentýabr




aýyndan paýtagtyň 1400-den gowrak mekdebinde ähli synplarda emeli intellekt boýunça sapaklar başlandy. Her bir okuwçy bu ugur boýunça ýylda azyndan sekiz sapaga gatnaşmaly bolar.

Okuw maksatnamalary okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary göz öňünde tutulyp taýýarlanyldy. Kiçi synplarda oýun görnüşli okuw usullaryna üns berilýär, onda çagalar edebiýat, saz we surat sapaklary arkaly emeli aň bilen tanyşýarlar.

Üçünji synpdan başlap okuwçylar tehnologiýalaryň gündelik durmuşda ulanmak boýunça mysallary öwrenip başlaýarlar, ýokary synplarda bolsa algoritmleri özleşdirýärler we öz taslamalaryny taýýarlaýarlar.

Amaly okuw üçin mekdepler häzirki zaman enjamlar bilen enjamlaşdyrylýar. Käbir okuw mekdeplerinde “akylly bilim platformasy” esasynda işläp duran interaktiw terminallar gurnalar, olar mugallymlara we okuwçylara interaktiw goldaw berer.

Mekdepleriň bir bölegi emeli intellekti biologiýa, informatika we sungat sapaklaryna integrirleýär. Bu bolsa sanly surat çekmek, gysga metražly filmleri we generatiw tehnologiýalaryň kömegi bilen saz döretmek ýaly mümkinçilikleri açýar.

# “Oracle”-yň esaslandyryjylarynyň biri ilkinji gezek dünýäniň iň baý adamy boldy

Amerikanyň IT-kompaniýasynyň esaslandyryjylarynyň biri Larri Ellison dünýäniň iň baý adamlarynyň sanawynda milliarder Ilon Masky



geçip, birinji orny eýeledi.

“Bloomberg” neşiriniň hasaplamalaryna görä, 10-njy sentýabrda ABŞ-da geçirilýän söwdalarda kompaniýanyň aksiýalarynyň çalt ösmegi netijesinde telekeçiniň baýlygy 101 milliard dollar artdy. Bu bolsa, bir günde iň uly kapital ösüşi hökmünde hasap edilýär.

Bu ýagdaý “Oracle” korporasiýasynyň çärýeklik hasabaty çap edilenden soň ýüze çykdy, ol çaklamalardan ýokary boldy. Netijede, amerikan IT-korporasiýasynyň aksiýalary 41% ýokarlandy. Şeýle ýagdaýda, Ellisonyň baýlygy 393 milliard dollar bolup, ol “Oracle”-yň aksiýalarynyň 41%-ine eýelik edýär.

Mundan öň, dünýäniň iň baý adamlary ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň täze gümrük paçlaryny girizmek baradaky çykyşyndan soň, bir günde jemi 208 milliard dollar ýitirdiler.

# Gazagystanda emeli aň boýunça ministrlik döredilер

Gazagystan emeli aň mümkinçilikleri halk hojalygyna giňden ornaşdyrmak maksady bilen toplumlaýyn işleri durmuşa geçirmegi maksat edinýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurtda emeli aň boýunça ministrlik döredilер.

Bu barada Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew milli parlamentiň her iki palatasynyň bilelikdäki mejlisinde Gazagystanyň halkyna ýüzlenmesinde mälim etdi.

– Täze ministrligi Premýer-ministriň orunbasary derejesindäki hünärmen ýolbaşçy etmeli, – diýip, Gazak Lideri belledi.

Onuň bellemegine görä, ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak üçin Hökümetiň emeli aňy giňden ornaşdyrmagy zerurdyr.



– Uly göwrümli sanlaşdyrmaga we emeli aň tehnologiýalarynyň işjeň ornaşdyrylmagyna esaslanyp, biz ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaly. Ilkinji ädim hökmünde «Sanly kodeksi» çalt kabul etmek gerek, – diýip, Kasym-Žomart Tokaýew belledi.



Gazagystanyň Prezidenti geljek 3 ýylda ýurdy sanly döwlete öwürmek üçin ähli zerur işleriň geçirilmegi babatda degişli tabşyryklar berdi.

# “OpenAI” kompaniýasy “Oracle” bilen 300 mlrd dollarlyk şertnama baglaşdy

Amerikanyň “ChatGPT” ulgamyny esaslandyran “OpenAI” kompaniýasy emeli intellekti (EI) ösdürmek üçin hasaplaýyş mümkinçiliklerini satyn almak maksady bilen “Oracle” korporasiýasy bilen bäş ýyllyk möhletde 300 milliard dollarlyk şertnama baglaşdy. Bu barada “The Wall Street Journal (WSJ)” neşiri habar berdi.



Maglumatlara görä, “Oracle”-yň täze girdejileriniň uly bölegi “OpenAI” bilen şertnamadan alynýan girdejiler bilen baglanyşyklydyr. Şertnamanyň bahasy häzirki wagtda “OpenAI”-yň girdejilerinden ep-esli ýokary bolup, bulut hasaplaýyş pudagynda baglaşylan iň uly şertnamalaryň biri hökmünde görkezilýär.

Şeýle hem, şeýle maglumatlary gaýtadan işlemek merkeziniň işi üçin 4,5 gigawatt kuwwat gerek bolar, bu bolsa takmynan 4 mln öýüň energiýa sarp edişine deňdir.